# Pursatlar -1: Atdaşym

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Pursatlar -1: Atdaşym

PURSATLAR

▶ ATDAŞYM

Atdaşym Atamyrat ikimiz geçen uruşda başdan-aýak bile bolduk. Onda-da Allatagalanyň eradasy bilen ikimiziňem bitimiziň burny ganamady. Ýogsam, jan alnyp, jan berilýän ýowuz darkaşlaryň set müňi başymyzdan geçipdi.
Atdaşym oba oglanlaryna mahsus bolan gylyk-häsiýetli, sada ýigitdi. Gepinde-sözünde, hereketinde birhili haýal-ýagallyk, çekinjeňlik duýulýardy. Ýöne, şonda-da, ol meniň üçin iň mähriban hem gadyrdan ýoldaşdy. Mydama jeňe bile girip, elimizden geldigiçe bir-birimize pena bolardyk.
Bir sapar biziň duran ýerimize şübheli imi-salalyk aralaşdy. Ne duşman öňe süründi, ne-de biziňkiler. Bu haýsy-da bolsa bir ýowuzlygyň buşlukçysydy. Şonuň üçin biz gün ýaşyp, göz baglanan çemesi golaýdaku ýalpak jara baryp, nagym gazdyk. Asudalygy ir bilen faşistler bozdy. Birden ýer-zemini sarsdyryp ugran tanklara buýsanýan göçgünbaş leşgerler äsgermezlik bilen örboýlaryna galyp geldiler. Golaýymyza getirmek üçin birbada jogap bermedik. Muňa beleň alan faşistleriň biri maňa tüpeň çenände, müň janymdan bir janym galmandy.
– Eý, Alla, ýa Hezreti Ysmamyt ata, herne ýetişeweriň!
Bar aýdanym şo boldy. Ýoldaşym egnimden basyp, şeýtan çalasynlygyny etdi-de, aňrydan ýetip gelen ölüm buşlukçysyny gapyp alyp, yzyna oklady…
Men ajala garşy tedbir tapan Atamyradyň aşa howply pursatda ýeser emel edenine häli-şindilerem haýranlar galýaryn.

Hangeldi GARABAÝEW,
Türkmenistanyň Halk ýazyjysy.

Hekaýalar